Angliýanyň öňdebaryjy futbol klublaryndan biri bolan «Mançester Ýunaýted» soňky döwürde düýpli üýtgeşmelere sezewar boldy. Esasan hem klubyň dolandyryş ulgamynda käbir düzedilmeler girizildi. 2023-nji ýylda klubuň paýlarynyň belli bir bölegini satyn alan britaniýaly milliarder Jim Rætkliff ýolbaşçylyk ulgamynda optimizasiýa geçirmegi maksat edinipdi.

Rætkliff bu üýtgeşmeleri amala aşyrmak üçin ilkinji nobatda klubdaky işgär sanyny azaldyp başlady. Bu çäräniň netijesinde eýýäm 450 işgäriň wezipesinden boşadylandygy mälim boldy. Bu bolsa klubuň başdaky işgär sanynyň 35%-ine barabar. Has netijeli dolandyryş ulgamyny ornaşdyrmak maksady bilen, ýolbaşçylyk ýene-de 200 işgäri işden boşatma meýilnamasyny yglan etdi. Bu işden çykarmalar esasan hem ýokary derejeli ýolbaşçylar bilen bagly bolup biler.

## Işgär sanynyň azaldylmagynyň sebäpleri

Klubyň ýolbaşçylary bu çäräniň esasy maksadynyň çykdajylary azaltmak we klubuň dolandyryş ulgamyny has netijeli etmekdigini belleýärler. Käbir hünärmenler bu özgertmäni biznes strategiýasynyň bir bölegi hökmünde baha berýärler.

Jim Reatkliff klubyň sport meýdançasynda üstünlik gazanmagynyň diňe dolandyryş ulgamynyň kämilleşdirilmegi bilen mümkin boljakdygyny öňe sürýär. Şonuň üçin-de, häzirki düzetmeler toparyň sport taýdan üstün çykmagyna we klubuň maliýe ýagdaýynyň gowulaşmagyna kömek etmelidir.

## Taraftarlar we hünärmenleriň pikirleri

Işgär sanynyň ep-esli azalmasy dürli düşündirişlere ýol açdy. Käbir futbol synçylary bu ýagdaýyň klubuň dolandyryş ulgamynda tertip-düzgüni berkitjekdigine ynanýarlar. Şeýle-de bolsa, käbir adamlar bu çäräni ýaramaz kabul edip, işgär sanynyň azalmagynyň klubyň administratiw işlerine täsir edip biljekdigini belleýärler.

Taraftarlar bolsa klubyň sport taýdan gowulaşmagyny isleýärler. Käbirleri «Mançester Ýunaýtediň» soňky on ýylda Ýewropa futbolynda öňki üstünligini gaýtadan gazanmagyny görmek isleýär. Netijede, bu özgertmeleriň klubuň umumy ösüşine nähili täsir edendigini diňe wagt görkezer.

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026